THE ASHGABAT TIMES

# Haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti HHR-iň Sun Sinlin adyndaky gaznasynyň başlygynyň orunbasary bilen duşuşdy

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: çagalaryň hatyrasyna halkara işiniň ösüşi» atly halkara maslahata gatnaşmak üçin ýurdumyza sapar bilen gelen Hytaý Halk Respublikasynyň Sun Sinlin adyndaky gaznasynyň başlygynyň orunbasary hanym Şen Beili bilen duşuşdy.

O.Atabaýewa Türkmenistan bilen HHR-iň arasyndaky hyzmatdaşlykda medeni-ynsanperwer ulgama möhüm ornuň degişlidigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpine mähirli salamyny, iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Hanym Şen Beili hytaý-türkmen gatnaşyklarynyň dürli ugurlar boýunça, şol sanda ylym, bilim, saglygy goraýyş, medeniýet ulgamlarynda okgunly ösdürilýändigini aýdyp, şunda Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň ägirt uly şahsy goşantlarynyň bardygyny belledi. Şeýle-de myhman çagalaryň hatyrasyna halkara işiň ösüşine bagyşlanan halkara maslahatyň wajyp ähmiýetini nygtady.

Duşuşygyň dowamynda bellenilişi ýaly, türkmen halkynyň belent ynsanperwer ýörelgelerine eýerip, ýurdumyzda ene-atasyndan jyda düşen we howandarlyga mätäç çagalary goldamaga uly üns berilýär. Şu maksat bilen, Milli Liderimiziň başlangyjy esasynda 2021-nji ýylyň martynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy döredildi. Şunda gaznanyň ugurdaş düzümler, abraýly halkara guramalar, şol sanda BMG-niň Çagalar gaznasy bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýändigine üns çekildi.

Söhbetdeşler Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Sun Sinlin adyndaky gaznasynyň arasynda netijeli gatnaşyklary ýola goýmak üçin ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyny nygtadylar. Myhman haýyr-sahawat gaznasynyň asylly we ynsanperwer işlerini goldaýandygyny aýtdy hem-de gaznanyň döredilmeginiň 4 ýyllygy bilen gutlap, bu şanly sene mynasybetli guralýan halkara maslahata gatnaşmaga döredilen mümkinçilik üçin hoşallygyny bildirdi.

Duşuşygyň ahyrynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti Oguljahan Atabaýewa hem-de Hytaý Halk Respublikasynyň Sun Sinlin adyndaky gaznasynyň başlygynyň orunbasary hanym Şen Beili birek-birege alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdiler.

Все права защищены

save pdf date >>> 27.01.2026